Atlaryň ykbalynda reňkleriň aýratyn orny bardyr. Reňkler diňe bir atlaryň häsiýetine täsir etmän, eýsem olary biri-birinden tapawutlandyrýan esasy alamatlaryň-da biridir. Şeýle-de olar beýleki hususy alamatlary, käbir nyşanlary we dakylan lakamlary bilen tapawutlanýarlar. Ahalteke atlarynda dünýäde ösdürilip ýetişdirilýän we saklanylýan 250-den gowrak at tohumlarynyň arasynda gabat gelmeýän reňkler hem duşýar. Şonuň üçinem ahalteke atlary özüniň aýratyn owadanlygy bilen tapawutlanýarlar. Olar daşary ýurtlarda geçirilýän gözellik bäsleşiklerine gatnaşanlarynda, ýeňiş bilen Watanymyza dolanýarlar.

Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen, bu bäsleşigi her ýyl Türkmen bedewiniň baýramyna gabatlap öz ýurdumyzda geçirmeklik hem asylly däbe öwrüldi. Bedew baýramy mynasybetli geçirilýän bu bäsleşige birnäçe atlar gatnaşyp, öz aralarynda bäsleşip, döwlet Baştutanymyzyň Şa serpaýyna mynasyp bolýarlar.

Atyň reňki onuň şahadatnamasynda, resmi tohumçylyk ýazgylarynda aýratyn bellenilýär. Reňkiň nesle geçýändigi üçin, ol atlaryň gelip çykyşyny we tohumyny anykla-makda hem belli bir derejede maglumat hökmünde ulanylýar. Atlaryň reňki doglan-da, süýtden aýrylmagynyň öň ýanynda, topardan-topara geçirilende we seçgilenende, tohumçylyk şahadatnamasy berlende hökman görkezilýär.

Keý-Kowus «Kowusnama» kitabynda atlaryň reňkini «Bir atda bolup, beýlekisin-de duşmaýan sypat onuň reňkidir» diýip belleýär. Atyň reňki onuň göwresini örtýän örtük tüýleriniň we gorag (ýaly, saçy, käkili, guýrugy) tüýleriniň reňkleri boýunça kesgitlenilýär. Her bir atyň şejere arkasynda dürli reňkler bolup, olaryň köpüsi nesilde ýüze çykmaýar we köplenç ýagdaýlarda atlaryň enesiniň ýa-da atasynyň reňki agdyklyk etmek bilen nesle geçýär. Diňe al we gyr reňkler nesle geçende beýleki reňkleri basýar. Mysal üçin, eger atyň enesi ýa-da atasy gyr, al bolsa, onuň taýlary hem gyr ýa-da al bolýar.

Mele, akýal, dor, gara reňkler özboluşly altynsöw, kümüşsöw öwüşginleri bilen ahal-teke tohum atlaryna mahsus bolsa, arap we ýomut atlarynda gyr, iňlis, don atlarynda al reňkde uludan sakar hem-de sekil nyşanlary köp duş gelýär. Nyşanlar atyň kellesinde, aýaklarynda we seýregräk göwresinde her hili şekilde we dürli ululykda duşýar. Bular dogabitdi bolýar. Nyşanlar birmeňzeş reňkdäki atlary biri-birinden tapawutlandyrmaga ýardam edýär. Ýomut tohum atlarynda nyşanlar seýrek duş gelýär, ahalteke tohum atlarynda nyşanlar bolmasa ýa-da näçe kiçi we az bolsa gowudyr.

Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow: «Tohum atlaryň gadymy görnüşlerini gorap saklamak, gözelligini kämilleşdirmek, «asman bedewleriniň» dünýädäki şan-şöhratyny has-da belende götermek häzirki döwürde biziň atçylygy ösdürmekde öňümizde durýan esasy wezipelerdir» diýýär. Türkmen atşynaslary bu parasatly jümleleri

Все права защищены

elmydama özlerine ýol-ýörelge edinip, geljekde behişdi bedewlerimiziň şöhratyny Ýer ýüzüne ýaýmakda has-da netijeli işleri alyp barmalydyrlar.

**Ogulnabat NURÝAGDYÝEWA**
**“Türkmen atlary” döwlet birleşiginiň**
**Atçylyk ylmy-önümçilik merkeziniň**
**weterinariýa bölüminiň wirusologiýa**
**bölümçesiniň laboranty**

Все права защищены